# Malhun hatyn

Category: Kitapcy,Zenan şahsyýetler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Malhun hatyn TARYHY ŞAHSYÝETLER -10:




▶ **MALHUN HATYN (BALA HATYN)**
*Türkmen gojasy Edebaly şyhyñ gyzy we Osman Gazynyñ ýanýoldaşy Malhun hatun kim bolupdyr? «Gurulyş. Osman» teleserialynda ýaş türk aktrisasy Özge Törer tarapyndan keşbi janlandyrylýan Malhun hatyn (Rabiýa Bala hatyn) hakyndaky okyjylarymyzy gyzyklandyryp biläýjek maglumatlar kitapçylar saýtynda.*

• **Malhun hatyn kim bolupdyr?**

Klassyky osmanly taryhçylary we olara salgylanýan taryhçylar Osman Gazy Türkmeniñ ýanýoldaşy bolupdyr diýip Şyh Edebalynyñ gyzy Malhun hatyny görkezýär. Osmanly türkmen nesilşalygynyñ

ähli neberesi bu zenanyň neslindendir.
Şeýle-de bolsa, biziň günlerimizde käbir taryhçysumaklar hötjetlik bilen osmanly türkmen neberesiniň Malhundan däl-de, Osman Gazynyň beýleki aýallaryndan ýaýrandygyny subut etmäge çalyşýarlar. Aslynda haýsy patyşanyň haýsy aýaldan doglandygyna üns bermegiň geregi ýok. Eger şeýle bolsa näme Malhun hatynyň ady kimdir birilerini ynjalykdan gaçyrýarka?! Munuň jogaby Osmanly türkmen döwletiniň binýadynyň tutulyş kyssasynda ýatyr.
Bir gün Osman beg Edebaly şyhyň tekgesinde düşläp geçipdir. Şonda ol otagda duran Gurhany hormatlap, oňa tarap aýagyny uzatman uka gidipdir. Düýşünde Edebaly şyhyň kükreginden çykan Aý onuň gujagyna giripdir we ullakan çynar öwrülip, bütin dünýäni tutupdyr. Düýş oraşan bolup, Osman beg Edebaly şyhyň gyzyna öýlenýär. Olaryň nikasyndan önen nebere hem dünýäni alty asyrlap dolandyrjak güýçli döwleti gurupdyr.
Osman Gazynyň Malhun hatyna öýlenişi barada Aşykpaşazada şeýle maglumat bar:
*«Şyha habar berdi. Şyh aýdadyr: «Ogul Osman! Patyşalyk saňa we nesliňe mübärek bolsun. Meniň gyzym Malhun saňa halal kylyndy».*
Şeýle bulaşyk pikirleri orta atýan taryhçysumaklar osmanly nesilşalygynyň Osman begiň beýleki aýallaryndan ýaýrandygyny we düýş hekaýatynyň toslamadygyny aýdyp, Osmanly türkmen döwletiniň gurulyşyndaky ruhy sütünleri ýumurmaga synanyşýarlar.
Muňa garamazdan, niýeti-päli düzüw taryhçylaryň geçiren barlaglary Osman Gazynyň Malhun hatyndan başga aýalynyň bolandygyna ýa-da bolmandygyna güwä geçip biljek ýekeje-de ygtybarly maglumatyň ýokdugyny görkezdi. Ahmal, Osman Gazynyň Bala hatyn ýa-da Rabiýa hatyn atly başga aýaly-da bolup biler. Ýöne bu ýagdaý Malhun hatynyň Edebaly şyhyň gyzydygy we Orhan Gazynyňam ejesidigi hakyndaky taryhy hakykaty üýtgedip bilmez.
Eger şeýle bolýan bolsa bu esassyz çaklamalar näme üçin orta atylýar? Megerem, bärde dürli pikirleriň orta atylmagyna atlar sebäp bolýan bolmaly. Sebäp diýseň Malhunyň ady çeşmelerde dürli-dürli görnüşde geçipdir. Has takygy şol bir adamyň ady

çeşmelerde dürli hili agzalmagy şeýle bulaşyklygyñ döremegine getirýär.




- **Edebaly şyhyñ gyzy**

Irki döwür osmanly çeşmelerinde Osman Gazynyñ aýalynyñ we Edebaly şyhyñ gyzynyñ ady şeýle agzalypdyr: Aşyk Paşazadanyñ (s. 6 we 35) Neşriniñ (s. 82,83) taryhy işlerinde onuñ ady Malhon (Malhun) hatyn. Oruç begiñ «Taryhynda» (s. 9 we 12) onuñ ady – Rabiýa hatyn. Rüstem paşanyñ «Taryhynda» bolsa oña Rabiýa hatyn diýilýär.

Häzirkizaman türk taryhçysy Nejdet Sakaogly «Bu mülküñ zenan soltanlary» atly kitabynda şeýle diýýär: «Bostanzada Ýahýa ependi Malhun hatyny «Taryhy Saf» atly eserinde Edebaly şyhyñ gyzy Rabiýa hatyn diýip görkezipdir. (s. 28.) Emma käbir çeşmelerde Osman Gazynyñ aýalynyñ adynyñ Rabiýadygyny aýtsalar-da, bu pikir häzirlikçe subut edilmedik gury pikir bolmagynda galýar».

Görşümiz ýaly irki döwür osmanly taryhçylary Edebaly şyhyñ

gyzynyñ Malhundygy we onuñ Osman Gaza durmuşa çykandygy barada birmeñzeş pikire uýupdyrlar. Üns berip seredilende, bu üç adyñ şol bir adama degişli atdygyny görmek kyn däl.
Biziñ üçin irki döwür taryhçylaryñ berýän maglumatlary has ygtybarly. Sebäbi garşylyklaýyn pikiri orta atýan çaklamalar ikinji we üçünji derejeli delilleri tutaryk edinýär. Şonuñ üçin şeýle çaklamalaryñ bulaşyklyk döretmekden başga bitirýän işi ýok.

@ Kitapçylar. Zenan şahsyýetler